Soňra «Türkmenistanyň Gahrymany» diýen ada mynasyp bolanlary sylaglamak dabarasy boldy. Hormatly Prezidentimiz mejlise gatnaşyjylaryň el çarpyşmalary astynda Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygynyň Önümçilik-ylmy tohumçylyk assosiasiýasynyň prezidenti, GDA-nyň Tohumçylyk meseleleri boýunça hökümetara utgaşdyryjy geňeşiniň başlygy, oba hojalyk ylymlarynyň doktory, akademik I.I.Kuzmine, Türkmenistanyň halk artisti, Magtymguly adyndaky halkara baýragyň eýesi A.S.Nurmuhammedowa we meşhur heýkeltaraş, Türkmenistanyň halk suratkeşi S.Babaýewe döwletimiziň iň ýokary sylagyny dabaraly ýagdaýda gowşurýar.

Türkmen halkynyň Milli Lideri mejlise gatnaşyjylara jemleýji söz bilen ýüzlenip, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisinde örän möhüm soraglaryň ara alnyp maslahatlaşylandygyny hem-de Prezident Maksatnamasyna laýyklykda, geljekde öňde durýan wezipeleriň kesgitlenendigini belledi.

Halk Maslahatynyň Başlygy mejlisiň jemini jemläp, berkarar döwletimiziň gülläp ösüşini üpjün etmekde, bagtyýar durmuşyny gazanmakda uly wezipeleriň öňde durýandygyny aýtdy we amala aşyrylýan giň gerimli, tutumly işlere ýurdumyzyň her bir raýatynyň agzybirlikde, jebislikde gatnaşyp, mynasyp goşant goşjakdygyna berk ynam bildirdi.



ZAMAN TÜRKMENISTAN

**ESASLANDYRYJYSY –**
«ZAMAN–TÜRKMENISTAN» HOJALYK JEMGYÝETI

Sentýabr aýynyň 26-sy, 2024
Gazetiň möçberi 8 sahypa. A-114853
Belgisi: 39/1605
Tiražy: 9047
Bahasy: 4,50 manat

BAŞ REDAKTOR **MYRATDURDY GARJANOW**
JOGAPKÄR KÄTIP **AMANMYRAT BAÝMYRADOW**

BIZIŇ SALGYMYZ: Aşgabat şäheri, 1908 (Gündogar) köçesi, 10-A jaýy.
Tel/Faks: 28-14-05, 28-14-36
web sahypa: www.zamanturkmenistan.com.tm
e-poçta: info.zamanturkmenistan@gmail.com, zamanturkmenistan@sanly.tm

**BELLIK:** Redaksiýamyza gelen hatlar yzyna gaýtarylmaýar. Gazetimizde ýerleşdirilen mahabatlardaky ýazgylaryň mazmunyna mahabat beriji jogapkärdir. Gazet Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. Telefony: 399536.

Abuna ýazylmak isleýänler üçin gazetiň indeksi: 69477

Gazetiň PDF nusgasyny QR kod arkaly elektron görnüşde okap bilersiňiz!

## Anur Kumar ýeňiş gazandy

21-nji sentýabrda Şri-Lankada geçirilen Prezident saýlawlarynda «Milli halk güýçleri» bileleşiginiň lideri Anur Kumar Dissanaýake ýeňiş gazandy. 23-nji sentýabrda Dissanaýake kasam kabul edip wezipesine girişdi. Kasam kabul ediş dabarasynda Dissanaýake azyk çökgünligine



garşy göreşjekdigini, bilime we saglygy goraýşa maýa goýumlaryny çekmekçidigini we Şri-Lankanyň ykdysady ösüşi babatda düýpli işleri alyp barjakdygyny aýtdy.

Saýlawlarda 55 ýaşly Dissanaýake 42,31 göterim ses aldy. Saýlaw komissiýasynyň maglumatlaryna görä, ses beren 13,6 million adamdan 5,6 milliondan gowragy Dissanaýakä ses berdi. Sajita Premadasu 32,76 göterim ses alyp ikinji, ozalky Prezident Ranil Wikremesinghe 17,27 göterim ses bilen üçünji orny eýeledi.

Dissanaýake hökümet Başlygy wezipesine Harini Amarasuriýany belledi. Amarasuriýa ýurduň taryhynda bu wezipä bellenen üçünji zenan boldy. Amarasuriýa şol bir wagtyň özünde adalat ministri, bilim ministri, söwda ministri, zenanlar, çagalar we ýaşlaryň işleri we sport ministri, saglyk ministri hem-de beýleki birnäçe wezipeleri ýerine ýetirer.

Dissanaýakeniň syýasy karýerasy 1988-nji ýylda Sosial talyplar assosiasiýasynyň milli guramaçysy bolup işlän döwründen başlanýar. Syýasatçy 1995-nji ýylda Merkezi işçiler komitetine goşulyp, 2001-nji ýylda parlamentiň agzasy bolandan soň «Halk azat ediş fronty» partiýasynda ýokary wezipelerde işläp başlady. 2004-2005-nji ýyllar aralygynda Şri-Lankanyň oba hojalygy, maldarçylyk, ýerler we suwaryş ministri wezipesinde işledi. 2014-nji ýylda Dissanaýake «Halk azat ediş fronty» partiýasynyň lideri boldy.

## Täze hökümet tassyklandy

21-nji sentýabrda Fransiýanyň Premýer-ministri Mişel Barnýe merkezi we sagçy partiýalaryň 39 agzasyny öz içine alýan hökümetiň döredilýändigini mälim etdi. Olaryň arasynda 12 agza Prezident Emmanuel Makronyň «Galkynyş» partiýasyna, 10 agza bolsa, Mişel Barnýeniň konserwatiw «Respublikanlar» partiýasyna wekilçilik edýär.



Şeýlelik bilen, «Demokratik hereket» partiýasyndan Ýewropa işleri boýunça öňki ministr Žan-Noel Barro Daşary işler ministrliginiň täze başlygy wezipesine bellendi. «Respublikanlar» partiýasynyň başlygy Brýuno Retaýo içeri işler ministri boldy. Beýleki ministr derejesindäki wezipeler aşakdaky ýaly paýlandy: Sebastýan Lekornýu Fransiýanyň goranmak ministri, Raşida Dati medeniýet ministri, Anýes Panýe-Rýunaşe ekologik özgeriş, energetika, klimat we howplaryň öňüni alyş ministri wezipesine bellendi. Maliýe ministri wezipesini Makronyň partiýasynyň deputaty Antuan Arman eýeledi.

Barnýe 5-nji sentýabrda hökümet Başlygy wezipesine bellendi. Täze hökümeti gurmak baradaky geňeşmeler iki hepdeden gowrak dowam etdi. Bu özgerişlikleriň hemmesi, Milli Assambleýanyň nobatdan daşary saýlawlaryndan soň bolup geçdi.

## DÜNÝÄ TÄZELIKLERI

### gysga setirlerde

**Mosartyň näbelli kompozisiýasy.** Leýpsigiň aýdym-saz kitaphanasyndan Wolfgang Amadeý Mosartyň öň näbelli eseriniň partiturasy tapyldy. 1760-njy ýyllarda döredilen bu partitura kompozitoryň ýaşlyk döwrüne degişli bolup, 12 minutlyk eserdir. Eser «Örän gysga gije sazy» diýlip atlandyryldy.



**Tanapdan ýöräp geçdi.** Estoniýaly Ýaan Roose golaýda Bosfor bogazyny tanapdan ýöräp geçen ilkinji adam bolup, taryhy rekord goýdy. 32 ýaşly darbaz 1074 metr aralygy 47 minutda geçdi. Ol bu aralygy 165 metr beýiklikdäki Bosfor köprüsiniň diregleriniň arasyndan çekdirilen tanapdan ýöräp geçdi.



**Dünýä rekordyny goýdy.** Hindistanly Waýbhaw Rajamani elini ulanmazdan 151,33 kilometr ýol geçip, Ginnesiň rekordyny täzeledi. Munuň üçin 22 ýaşly welosipedçä 7 sagat 18 minut 13 sekunt gerek boldy. Rajamani şeýle usulda 130,29 kilometr geçen öňki rekordyň eýesi, kanadaly Robert Jon Mýurreýden öňe saýlandy.



## Dünýäniň iň beýik ýaşaýyş jaýy gurlar



Braziliýanyň «FG Empreendimentos» kompaniýasy dünýäniň iň beýik ýaşaýyş binasyny gurmagy meýilleşdirýär. «Senna» atly bina Braziliýanyň Santa-Katarina şäherinde ýerleşer we «Formula 1»-iň meşhur piloty Aýrton Sennanyň hormatyna gurlar.

Pilotyň jigisi Lalalli Senna tarapyndan taslanan «Senna» diňiniň beýikligi entek belli däl, ýöne onuň 500 metrden ýokary boljakdygy bellenilýär. Meýilnama görä, binanyň beýikligi 2015-nji ýyldan bäri iň beýik ýaşaýyş binasy hasaplanýan Nýu-Ýorkuň 472 metrlik «432 Park Avenue» diňiniň beýikliginden geçer. Desganyň gurluşygyna 2025-nji ýylyň ikinji ýarymynda başlanar. Ilkinji netijelere görä, binanyň esasy aýratynlyklarynyň biri desganyň köp mukdardaky yşyklandyryş ulgamy bolar.

Şeýle-de binada hersi 903 inedördül metr bolan dört sany 2 gatly penthausy öz içine alýan 228 öý bolar. Infrastruktura güýmenje merkezlerini, restoran meýdançalaryny we Aýrton Sennanyň karýerasyny, durmuşyny we üstünliklerini beýan edýän interaktiw muzeýi öz içine alar. Taslamanyň tamamlanjak wagty belli däl. Taslama üçin maýa goýumlary, takmynan, 500 million dollar bolar.

## 100 milliard dollar gönükdirer

**Aziýa Ösüş banky (AÖB) täze maksatnama kabul edendigini, 2030-njy ýyla çenli howanyň üýtgemeginiň ýaramaz netijelerine garşy göreşmek boýunça çäreleri maliýeleşdirmäge ýyllyk karzlarynyň 50 göterimini bermekçidigini we onýyllygyň dowamynda giň gerimli strategiýa täzelenmesiniň çarçuwasynda hususy pudaga maýa gönükdirmelerini işjeňleşdirjekdigini mälim etdi.**





**AÖB-niň maglumatlaryna görä, maksatnama laýyklykda, bank 2019-njy we 2030-njy ýyllar aralygynda howanyň üýtgemeginiň ýaramaz täsirlerine garşy göreşmek üçin 100 milliard dollar bölüp berer. Şunuň bilen birlikde häzire çenli diňe 30 milliard dollar bölünip berildi.**

**– Biz bankymyzyň işini sebitde howanyň üýtgemegine garşy göreş boýunça meselelere gönükdirmek isleýäris – diýip, Aziýa Ösüş bankynyň strategiýa müdiri Tomoýuki Kimura aýtdy.**

**Tomoýuki Kimura 2030-njy ýyldaky Strategiýanyň çäginde Aziýanyň iň möhüm ösüş meseleleriniň bäşisine ünsi jemlejekdigini aýtdy: bank howanyň üýtgemegi, hususy pudagy ösdürmek, şeýle-de saglygy goraýyş, sanly üýtgeşmeler we jemgyýetiň durnuklylygyny ýokarlandyrmak ýaly halkyň abadan durmuşyna gönükdirilen ugurlar boýunça hyzmatdaşlyk etmegi maksat edinýär.**

## Suwuň gymmat ýurtlary

**Monakonyň içimlik suwuň iň gymmat ýurdudygy mälim edildi. Bu barada geçirilen barlagda ýurtda 1,5 litrlik içimlik suwuň bahasy 5,8 dollara deň boldy. ABŞ bolsa, içimlik suwy iň gymmat bolan ýurtlaryň arasynda sekizinji orny eýeledi. Barlaglara görä, ABŞ suwuň gymmaty boýunça ilkinji onluga giren ykdysadyýeti güýçli ýurtlaryň arasynda ýeke-tägidir. Bu ýerde şeýle göwrümdäki suwuň bahasy, ortaça, 2,19 dollar.**

**Sanawdaky ilkinji 10 orny, esasan, Karib deňziniň we Afrika ýurtlarynyň eýeleýändigi bellendi. Bular degişlilikde, Antigua we Barbuda (2,59 dollar), Merkezi Afrika Respublikasy (2,49 dollar), Barbados (2,48 dollar), Bagama (2,41 dollar), Kosta-Rika (2,35 dollar), Grenada (2,26 dollar) we Eritreýa (2,14 dollar). Onunjy orunda Islandiýa (2,4) gelýär. Iň arzan içimlik suwuň Müsürde (18 sent) we Liwiýadadygy (24 sent) anyklandy.**



## TARYHDA ŞU GÜN

**Deňiz syýahatçysy Ser Frensis Dreýk (1540-1596) – Ýelizaweta I döwründe dünýäniň daş-töweregine syýahat eden ilkinji iňlisdir. 1577-nji ýylda Dreýk Ýelizaweta I tabşyrygy bilen «Altyn Hind» gämisi bilen Amerikanyň Ýuwaş umman kenarlaryna ekspedisiýa iberilýär. Ol köp sanly täze ýerleri açyp, 1580-nji ýylyň 26-njy sentýabrynda syýahatdan dolanyp gelýär.**



## OKAŇ, DYNÇ ALYŇ!

Bir ýylda 12 aý, 365 gün, 8760 sagat, 525,600 minut, 31,536,000 sekunt bar.

# GÜÝZ PASLYNYŇ IŇ OWADAN ŞÄHERLERI

**Her paslyň özüne mahsus tebigy gözelligi bar. Pasyllaryň çalyşmagy bilen tebigat, şäherler, obalar özboluşly görnüşe eýe bolýar. Güýz paslynyň gelmegi bilen hem tebigat gyzgylt agaçlara, altynsow ýapraklara örtülip, owadan peýzažy emele getirýär. Syýahatçylaryň köpüsi bu pasylda sary dona bürenen owadan şäherlere gezelenç etmäge çykýarlar. Megerem, sary ýapraklaryň «aýdymyny» diňläp, şäher seýilgählerinde, tokaýlarda gezelenç etmegi halamaýan ýok bolsa gerek. Gazetimiziň şu sanynda güýz paslynyň iň owadan şäherleri bilen tanyşdyrmagy makul bildik.**



**Reňkleriň simfoniýasy, Kýoto.** Gadymy ybadathanalary we gür baglary bolan Ýaponiýanyň Kýoto şäheri güýz paslynda hasda gözelleşýär. Bu pasylda şähere barýan syýahatçylar özlerini jadyly dünýä düşen ýaly duýýarlar. Şäherdäki ýapon momiji agaçlary, Kiýomizu-dera we Tofuku-ji baglary gyrmyzy we altynsow reňkleriň sazlaşygyny emele getirýär. Şeýle hem güýz paslynda Kýoto şäherindäki Araşiýama bambuk tokaýlyklary özüne çekiji görnüşe eýe bolýar. Şeýle hem bu şäherde ýapraklar bilen bezelen «çaý öýlerinde» myhmançylykda bolup, matça çaýyndan lezzet alyp bolýar.

**Güýz ajaýyplygy, Seul.** Koreýa Respublikasynyň gülläp ösýän paýtagty güýz paslynda ajaýyp görnüşe eýe bolýar. Seuldaky döwrebap binalaryň, köp şahaly köçeleriň arasyndaky seýilgähleri we taryhy ýerleri güýz



ajaýyplygy gurşap alýar. Şäherdäki milli däp-dessurlaryň geçirilýän ýeri bolan Kýonbokkun köşk toplumy sary ýapraklar bilen örtülýär. Güýz paslynda şähere barýan syýahatçylar koreýleriň milli lybasy bolan hanbok geýip, Namsan we Olimpiýa seýilgähindäki altynsow ýapraklaryň arasynda surata düşýärler. Seul şäherinde güýz paslyna bagyşlanyp hottok we içi maňyzly (kaştan) dürli görnüşli süýjülikler taýýarlanylýar.



**Düşnüksiz jady we ajaýyp gözellik, Wermont.** ABŞ-nyň demirgazyk-gündogaryndaky bu şäherdäki obalar güýz paslynda syýahat edilmeli esasy ýerleriň biridir. Wermont sary dona bürenen obalary, altynsow ýapraklar bilen örtülen köprüleri we aýlawly depeleri bilen jadyly dünýäni emele getirýär. Wermonta barýan syýahatçylar gyzyl, mämişi we sary ýapraklar bilen örtülen üsti üçekli köprüleri şäheriň nyşany hasaplaýarlar. Şäheriň ýaşaýjylary güýz paslynda agaçlaryň şiresinden akja şerbetleri taýýarlaýarlar. Adama güýç-kuwwat berýän bu içimligiň taýýarlanylyşy uly dabaralar bilen bellenilip geçilýär. Şäherde daş-töweregi tokaý bilen örtülen Appalaç ýoluny welosipedli gezelenç edip hem bolýar.



**Erteki peýzažlary, Bawariýa.** Germaniýanyň iň uly landeri (döwlet) bolan Bawariýanyň özüne çekiji peýzažlary güýz paslynda hasam gözelleşýär. Aýlawly depeleri, Orta asyrda gurlan galalary we Alp daglarynyň etegindäki özüne çekiji reňkli obalary güýz paslynda gezelenje çykýan syýahatçylaryň ünsüni özüne çekýär. Ertekileri ýadyňa salýan Noýşwanştaýn galasy güýz paslynyň keşbinde şäheri has-da owadan görkezýär. Bawariýa barýan syýahatçylar üsti gar bilen örtülen Alp daglaryna çykyp, gyzgylt-sary jülgelerde ýabany tebigatda dynç alyp bilýärler.



**Güýz gözelligi we üzümçilikleri, Toskana.** Italiýanyň aýlawly depeleri, üzüm meýdanlary we özüne çekiji obalary bilen tanalýan Toskana sebiti güýzde romantik peýzažy döredýär. Sebitdäki San Jiminýano we Montepulçano ýaly Orta asyr şäherlerinde aýlanyp, ýaýylyp ýatan altynsow ýaprakly üzüm meýdanlaryny synlap bolýar. Toskana güýz paslynyň asuda gözelligini synlamak üçin iň ajaýyp ýerleriň biridir.



**Tebigatdaky ajaýyp gözellik, Hytaý.** ÝUNESKO-nyň Bütindünýä mirasynyň bir bölegi bolan Szýuçžaýgou jülgesi reňkli kölleriň, şaglawuklaryň we owadan tokaýlyklaryň jemlenen ýeridir. Bu jülge güýz paslynda hakyky sungat eserine öwrülýär. Jülgedäki düýbi görnüp duran Aýna köli we beýleki arassa suwly köller sary ýapraklar bilen bezelip, ajaýyp görnüşi emele getirýär. Dünýäniň seýrek duş gelýän jandarlarynyň biri bolan pandalary hem bu jülgede synlap bolýar.



**Günorta ýarym şaryň güýz gözelligi, Günorta ada.** Dünýäniň köp ýeri sentýabr-oktýabr aýlarynda güýz paslyna beslenýän bolsa, Täze Zelandiýanyň Günorta adasy aprel-maý aýlarynda sary dona bürenýär. Bu ada güýz jadysyny görmek üçin müňlerçe syýahatçy barýar. Altynsow we gyzgylt ýaprakly agaçlar bilen örtülen, taryhy köçeleri bilen tanalýan Arrowtaun obasy adanyň iň özüne çekiji ýerleriniň biridir. Şeýle hem Günorta adasyndaky Tekapo köli çüýşe ýaly dury suwy, daş-töweregini örtýän gyrmyzy agaçlaryň sazlaşygy bilen owadan güýz sahnasyny emele getirýär. Gaýalardan aşak inýän Milford şarlawugy adanyň iň owadan ýerleriniň biridir.



## Wagt näme üçin çalt geçýän ýaly duýulýar?

**Çaga wagtyň irdenden agşama çenli oýna güýmenip ýörşüňe, wagt çalt geçip, derrew Gün ýaşaýjak ýaly. Ýöne beýle däl. Çaga wagtymyz mekdebe gitsedim, wagt çalt geçsedi, basymrak ulalsam diýip arzuw edýäris. Ýaşymyz geçdigiçe bolsa, wagt çalt geçýän ýaly duýlup, gündelik işlerimize hem ýetişmän başlaýarys. Ýaňy Gün dogan ýaly, eýýäm Gün ýaşýar. Ýaňy aý başlanan ýaly, eýýäm aýyň soňy gelýär... Ýaşyň ulaldygyça çagalyk döwründäki ýaly Täze ýyla garaşmak hem onçakly uzaga çekmeýär. Eýsem, ýaşyň ulaldygyça wagtyň çalt geçmegi näme sebäpden ýüze çykýarka?**

Psihologlar gün, hepde, aý we ýyl ýaly wagt baradaky düşünjeleriň ýaşyň ulaldygyça üýtgeýändigini belleýärler. 8 ýaşly çaga bilen 80 ýaşly adamda bir hepde düýbünden başgaça geçýär. Bu ýagdaý ýat we başdangeçirmeler bilen bagly bolup, çaga üçin bir hepde uzak wagt, emma ýaşuly adam üçin bir hepde gysgajyk pursat. Çaga görä has haýal ädim ädýändigini çen tutsaň, ýaşuly adam üçin wagt haýal geçäýjek ýaly. Ýöne uly ýaşly adamlar üçin hepde gysgajyk wagt birligi bolup, geçen günleri ýatladygyça wagtyň çalt geçýändigini gürrüň berýärler. Wagtyň gadyryny bilmelidigini we «sagatlary» tygşytly ulanmalydygyny ündeýärler.

Psihologlar wagtyň çalt geçýän ýaly duýulmagyny beýnidäki meňzeş günleriň köpdügi bilen düşündirýärler. Başgaça aýdylanda, beýnimiz meňzeş günleri ýa-da hepdeleri biri-biri bilen birleşdirýär. Mysal üçin, irden turduň, ertirligiňi edindiň, uzak günki işden soň, öýüňe geldiň, dynjyňy alanyňdan soň, uka gitdiň. Şol bir tertipde gaýtalanýan, üýtgemeýän günler wagty çalt geçýän ýaly görkezýär. Bir aýyň dowamynda eden işlerimizden bary-ýogy 2-3 sanysy ýadymyza düşýär. Beýleki günler şol bir tertipde gaýtalanan ýaly duýlup, hiç zat ýadymyza düşmeýär. Şeýlelikde, her gün şol bir zady ýerine ýetirýän adamyň aňynda wagt çalt geçen ýaly duýulýar.

Uly adamlarda wagtyň çalt geçmeginiň ýene bir sebäbi hökmünde ömrüň dowamlylygy hem görkezilýär. Mysal üçin, 10 ýaşly çaga üçin 1 ýyl onuň ömrüniň ondan biri diýmegi aňladýar. Emma 60 ýaşly bir adam üçin bir ýyl onuň ömrüniň altmyşdan birini emele getirýär. Bu bolsa, adamda ýyllaryň hepdeler ýaly çalt geçýän ýaly düşünjäni döredýär.

Bilermenler ýaşyň ulaldygyça durmuş endiklerine täze üýtgeşmeleri goşmagy maslahat berýärler. Täze durmuş endikleri wagty haýal geçýän ýaly duýmaga mümkinçilik berýär. Muňa dil öwrenmek, sport bilen meşgullanmak, nahar bişirmek, tans etmek, gezelenje gitmek we ş.m. mysal bolup biler. Wagtyň çalt geçmegi ýaly duýgyny başdan geçirmek adamyň höwesini gaçyryp, göwnüçökgünlik, tukatlyk ýaly alamatlary döredýär. Gaýtalanýan, adaty günlerden uzaklaşyp, durmuşyňa täze zatlary goşmak özüňi has bagtly duýmaga hem ýardam edýär.



## Myhmançylykdaky toparlaryň uly hasaply ýeňişleri

**Futbol boýunça Türkmenistanyň çempionatynda 25-nji tapgyryň çäginde 3 duşuşyk geçirildi. Şolaryň 2-sinde myhmançylykdaky toparlar uly hasaplar bilen ýeňiş gazandy.**

Sanawyň lideri «Arkadag» topary myhmançylykda «Merw» bilen duşuşyp, 8–1 hasabynda ýeňiş gazandy. Myhmanlara uly hasaply ýeňiş getiren gollary Altymyrat Annadurdyýew (9, 22), Didar Durdyýew (37), Abdy Bäşimow (44), Şanazar Tirkişow (45+4), Ybraýym Mämmedow (60), Begenç Akmämmedow (82) hem-de Güýçmyrat Annagulyýew (90+2) geçirdi. «Merwiň» ýeke-täk pökgüsini bolsa 76-njy minutda 11 metrlik jerime urgusyndan Söhbet Allanurow öz adyna ýazdyrdy.

«Altyn asyr» topary myhmançylykda «Köpetdagyň» derwezesinden jogapsyz 3 gol girizdi. Gollaryň 2-sini Myrat Annaýew (48, 68 p), beýlekisini-de Mihail Titow (62) tora saldy.

Ýeňijini ýeke-täk goluň kesgitlän oýnunda «Nebitçi» öz meýdançasynda «Aşgabat» toparyny Myratdurdy Baýramowyň 78-nji minutdaky goly bilen 1–0 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi.

«Ahal» bilen «Şagadamyň» arasyndaky duşuşyk bolsa ätiýaçdaky günleriň birine geçirildi.

Çempionatda iň köp gol geçirenleriň sanawynda «Arkadag» toparynyň oýunçylarynyň öz arasynda ýiti göreş dowam edýär. Didar Durdyýew 24 gol bilen 1-nji orunda barýar. 23 golly Altymyrat Annadurdyýew 2-nji, 14 gol geçiren Begenç Akmämmedow 3-nji orny eýeleýär.

**TÜRKMENISTANYŇ MILLI ÇEMPIONATY**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | GOL | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | «ARKADAG» | 23 | 23 | 0 | 0 | 114-14 | 69 |
| 2 | «ALTYN ASYR» | 21 | 16 | 1 | 4 | 59-22 | 49 |
| 3 | «AHAL» | 21 | 15 | 1 | 5 | 47-23 | 46 |
| 4 | «ŞAGADAM» | 22 | 11 | 0 | 11 | 30-30 | 33 |
| 5 | «MERW» | 23 | 9 | 1 | 13 | 17-50 | 28 |
| 6 | «NEBITÇI» | 23 | 7 | 1 | 15 | 18-47 | 22 |
| 7 | «AŞGABAT» | 22 | 5 | 3 | 14 | 17-46 | 18 |
| 8 | «KÖPETDAG» | 23 | 3 | 5 | 15 | 14-47 | 14 |

## Çempionlar Ligasynda 1-nji duşuşyklar barada statistikalar, gyzykly maglumatlar

**UEFA Çempionlar Ligasynyň täzelenen formatdaky möwsüminiň ilkinji tapgyrynyň duşuşyklary tamamlandy. Geçirilen 18 oýunda dürli hasabatlar ýüze çykdy.**

* 18 duşuşykda jemi 57 gol hasaba alnyp, oýunlaryň 10-synda ýer eýeleri, 5-sinde myhmanlar ýeňiş gazandy. Deňlikde gutaran 3 duşuşykda-da hasap açylmady. Golsuz deňlikde tamamlanan duşuşyklaryň 2-si Italiýada geçirildi. Umumylykda deňme-deň tamamlanan duşuşyklarda taraplaryň biri italýan klublary boldy.

* 5 klubly gatnaşýan Germaniýanyň 3 kluby ýeňiş gazandy, 2 topary-da utuldy. 5 toparly ýurtlardan italýanlaryň 1 kluby ýeňip, 1 kluby utuldy, 3 kluby-da golsuz deňme-deň oýnady. 4 klubly ýurtlardan Fransiýanyň 3 kluby ýeňşini baýram etdi (1 ýeňliş). Iňlis klublarynyň 2-si ýeňse, 2-si deňme-deň oýnady. Ispan toparlarynyň 2-si Madrid şäheriniň wekilleri 3 utuk aldy, ýöne Kataloniýa sebitiniň wekilleri ýeňlişe sezewar boldy. Portugal klublarynyň 2-si 1-nji tapgyry ýeňiş bilen tamamlady. Awstriýanyň, Niderlandlaryň 2 kluby hem utuldy.

* UEFA-nyň ýaryşlaryna ilkinji gezek gatnaşýan toparlardan «Brest» 1-nji aýlawy ýeňiş bilen tamamlasa, «Žirona» iň soňky minutlarda derwezeçisiniň awtogoly bilen ýeňlişe sezewar boldy. Çempionlar Ligasynyň debýutanty «Slawiýa Bratislawa» myhmançylykda uly hasap bilen ýeňildi. 42 ýyldan soň bu ýaryşa wekilçilik edýän «Aston Willa» myhmançylykda 3 utugy 3 gol bilen gazandy. 60 ýyldan soň UEFA-nyň iň uly klub ýaryşynda çykyş edýän «Bolonýa» öz meýdançasynda golsuz deňme-deň oýnap, 1-nji tapgyry 1 utuk bilen tamamlady.

* Ýaryşyň täze möwsümdäki ilkinji goluny «Ýuwentus» toparynyň türkiýeli ýaş oýunçysy Kenan Ýyldyz geçirdi.



* Myhmançylykda «Monakodan» 2-1 hasabynda asgyn gelen «Barselonanyň» ýeke-täk goluny geçiren Lamin Ýamal ýaryşyň çäginde tapawutlanan iň ýaş 2-nji futbolçy boldy. 17 ýaş 68 gün bilen 2-nji bolan Ýamala topardaşy Ansu Fatiniň rekordyny täzelemäge 28 gün ýetmedi. Duşuşykda «Monakonyň» ýeňiş goluny geçiren Jorj Ilenikhena (18 ýaş) fransiýaly Kilian Mbappeniň rekordyny täzeläp, klubunyň UÇL-de gol salan iň ýaş futbolçysy boldy.

* 1-nji tapgyrda ýaş hasap edilýän futbolçylaryň 7-si – Lamin Ýamal (17), Jorj Ilenikhena (18), Endrik (18), Kenan Ýyldyz (19), Jeými Gittens (20), Zeno Debast (20) hem-de Florian Wirts (21) tapawutlandy. Gittens bilen Wirts 2 gol geçirdi.

* 4 gol geçiren Harri Keýniň bu ýaryşdaky gollarynyň sany 33-e ýetip, ol iň köp gol geçiren iňlis futbolçysy boldy. Ol bu ugurda 30 golly Weýn Runiden öňe saýlandy.

* 19 ýyldan soň Çempionlar Ligasyna gatnaşýan «Sparta Praga» 1-nji tapgyrda «RB Salsburg» toparyny 3-0 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi.

* «Baýeriň» ýaş ýyldyzy Florian Wirts tapgyryň iň ökde oýunçysy diýlip saýlandy.

**UÇL-de 2024/25 möwsüminiň 1-nji duşuşyklarynyň netijeleri:** Ýuwentus – PSW: 3-1, Ýang Boýz – Aston Willa: 0-3, Bawariýa – Dinamo Zagreb: 9-2, Milan – Liwerpul: 1-3, Real Madrid – Ştutgart: 3-1, Sporting – Lill: 2-0, Bolonýa – Şahtýor Donesk: 0-0, Sparta Praga – RB Salsburg: 3-0, Klub Brýugge – Borussiýa Dortmund: 0-3, Seltik – Slowan Bratislawa: 5-1, Mançester Siti – Inter: 0-0, PSŽ – Žirona: 1-0, Srwena Zwezda – Benfika: 1-2, Feýenoord – Baýer: 0-4, Atalanta – Arsenal: 0-0, Atletiko Madrid – Leipsig: 2-1, Monako – Barselona: 2-1, Brest – Şturm Gras: 2-1.



## Italiýaly meşhur futbolçy aradan çykdy

**Italiýaly meşhur futbolçy Salwatore «Toto» Skillaçi 59 ýaşynda aradan çykdy. 2 ýyl töweregi wagtdan bäri düwnük keselinden ejir çekip gelýän Skillaçi 1990-njy ýylda Italiýada geçirilen çempionatyň ýyldyzy bolupdy.**

**1964-nji ýylyň 1-nji dekabrynda Palermo şäherinde dünýä inen Skillaçi 1982-nji ýylda «Messina» toparynda futbola başlap, ol bu ýerde 1989-njy ýyla çenli oýnady. Soňra 3 möwsüm «Ýuwentusda», 2 möwsümem «Interde» oýnap, 1994-nji ýylda Ýaponiýanyň «Jubilo Iwata» toparyna transfer boldy. Ol bu klubda-da 4 möwsüm çykyş etdi.**

**1990-njy ýylda Italiýada geçirilen Dünýä Kubogynda ýygynda çagyrylan Skillaçi çempionata adyny altyn harplar bilen ýazdyrýar. Ol çempionatda 6 gol geçirip, ýaryşyň iň netijeli futbolçysy bolýar hem-de iň ökde oýunçysy saýlanýar. Şol çempionatda Italiýa 10 gol geçirýär we onuň 6-syny Skillaçi öz adyna ýazdyrýar. Italiýanyň ýygyndysy çempionaty bürünç medal bilen tamamlaýar. Skillaçi Italiýanyň çempionatda duşuşan 7 toparynyň 6-synyň derwezesini sarsdyrýar. Skillaçi Italiýanyň ýygyndysynda jemi 16 gezek çykyş edip, şolarda 7 goly derwezä girizýär.**

**«Ýuwentus» bilenem, «Inter» bilenem UEFA Kubogyny gazanan Skillaçi 1997-nji ýylda «Jubilo Iwatanyň» düzüminde Ýaponiýanyň çempionlygyna mynasyp bolýar. Skillaçi klublarda 498 oýunda 181 gol geçirýär.**




### HEPDÄNIŇ ESASY DUŞUŞYKLARY

*27-nji sentýabr (anna)*

Borussiýa D – Bohum (23:30)
Milan – Leççe (23:45)
PSŽ – Renn (00:00)

*28-nji sentýabr (şenbe)*

**Nýukasl – Man. Siti (16:30)**
Udineze – Inter (18:00)
Lokomotiw – Spartak (18:30)
Arsenal – Lester (19:00)
Çelsi – Braýton (19:00)
Jenoa – Ýuwentus (21:00)
Wulwerhempton – Liwerpul (21:30)
**Bawariýa – Baýer (21:30)**
**Krasnodar – Zenit (21:30)**
**Osasuna – Barselona (00:00)**

*29-njy sentýabr (ýekşenbe)*

Torino – Lasio (15:30)
Ipswiç – Aston Willa (18:00)
**M. Ýunaýted – Tottenham (20:30)**
Napoli – Monza (23:45)
Strasbur – Marsel (23:45)
**Atletiko – Real Madrid (00:00)**

## SPORT TÄZELIKLERI

### Joşua ýeňilse-de, çempiondan köp pul gazanar

● Beýik Britaniýanyň paýtagty Londondaky «Wembley» stadionynda boks boýunça agyr agramyň IBF çempionlyk guşagy ugrunda duşuşyk geçirildi. Iki iňlis boksçynyň tutluşygynda Daniel Dubua bilen Antoni Joşua duşuşdy. 96 müň janköýeriň şaýatlygynda geçen duşuşykda Dubua garşydaşyny 1-nji raundda ýere serdi. Ýöne emin sanap bolýança aýaga galan Joşua soňky raundlarda-da agyr urgulara sezewar boldy. 5-nji raundda bolsa Dubua garşydaşynyň dulugyna jaýdar urgy urup, ony nokauta iberdi.



Şunlukda, 27 ýaşyndaky Dubua karýerasy boýunça iň esasy ýeňşini gazanyp, IBF ugry boýunça çempionlyk guşagyny goramagy başardy. Bu onuň 24-nji duşuşygyndaky 22-nji ýeňşi bolup, ol şolaryň 21-sini nokaut bilen gazanmagyň hötdesinden geldi. Dubua şu wagta çenli diňe 2 gezek — amerikaly Jou Joýsdan hem-de ukrainaly Aleksandr Usykdan asgyn geldi.

IBF-niň, WBO-nyň, IBO-nyň ozalky çempiony, 35 ýaşyndaky Joşua bolsa 32-nji duşuşygynda 4-nji gezek ýeňlişe sezewar boldy. Onuň 25-si nokaut bilen jemi 28 ýeňşi bar. Joşua mundan öň meksikaly Endi Ruiz Juniordan, 2 gezegem Aleksandr Usykdan ýeňlipdi.

Bu tutluşykdan teleýaýlymlardan geljek pullary hem goşanda Dubua 10, Joşua bolsa 25 million sterling gazanar.

### Singapurda Norris öňe saýlandy

● Formula 1 boýunça möwsümiň 18-nji ýaryşy Singapurda geçirildi. Marina Bay diýilýän ýeriň köçelerinde guralan ýaryşda «McLaren» toparynyň britan sürüjisi Lando Norris ýeňiji boldy. Ol ýaryşy başlaýşy ýaly tamamlap, 62 aýlawy 1 sagat 40 minut 52,571 sekuntda geçmegi başardy. Bu onuň karýerasyndaky, has takygy, şu möwsümdäki 3-nji ýeňşidir. Ol Maýamide hem-de Niderlandlarda geçirilen ýaryşlarda-da ýeňiji bolupdy.




Ýaryşda 2-nji ýeri «Red Bull» toparynyň niderland sürüjisi Maks Werstappen eýeledi. Ol ýeňijiden 20,945 sekunt yza galdy. Sanawyň lideri Werstappene 8 ýaryşdan bäri ýeňiş gazanmak başardanok. Münberiň 3-nji basgançagyna çykan ýeňijiniň awstraliýaly topardaşy Oskar Piastri 40,823 sekunt soň pellehanadan geçmegi başardy.

4-6-njy orunlara «Mercedes» (Jorj Rassell, Lýuwis Hamilton), 5-7-nji ýerlere-de «Ferrari» (Şarl Lekler, Karlos Saýns Junior) toparynyň sürüjileri mynasyp boldy.

Sürüjileriň sanawynda Maks Werstappen 331 utuk bilen liderligini dowam etdirýär. 2-nji ýerdäki Norrisiň 279, 3-nji orundaky Lekleriň 245 utugy bar.

Möwsümiň 19-njy ýaryşy 1 aýa golaý 2-nji uly arakesmeden soň, ýagny 20-nji oktýabrda ABŞ-nyň Ostin şäherinde geçiriler.

### Möwsümdäki 2-nji ýeňşi

● Moto GP boýunça Dünýä çempionatynyň 14-nji bäsleşigi Emilia Romano «Gran Prisi» Italiýanyň Rimini şäherinde geçirildi. 27 aýlawdan ybarat ýaryşda «Ducati Lenovo» toparynyň italýan sürüjisi Enea Bastianini ýeňiş gazandy. Ol 41 minut 14,653 sekuntda pellehana gelip ýetdi. Bu onuň möwsümdäki 2-nji, karýerasyndaky 7-nji ýeňşi hökmünde hasaba alyndy.



Ýaryşda 2-3-nji orunlary ispan sürüjileri eýeläp, «Prima Pramac» toparyndan Horge Martin ýeňijiden 5,002 sekunt, «Gresini Racing» toparyndan Mark Markes bolsa 7,848 sekunt yza galdy. Çempionlygyň esasy dalaşgärlerinden Fransesko Banaia 20-nji aýlawda motosiklinde ýüze çykan näsazlyk sebäpli ýaryşy tamamlap bilmedi.

14-nji ýaryşdan soň şu möwsümde 6-njy gezek 2-nji ýeri eýelän Horge Martin 341 utuk bilen sanawyň başyny çekip gelýär. 2-nji ýerdäki Banaianyň 317 utugy bar. Bastianini bilen Markes 1 utuklyk aratapawut bilen 3-4-nji ýerleri paýlaşýarlar. Möwsümiň 15-nji ýaryşy 29-njy sentýabrda Indoneziýada geçiriler.

## «Mançester Siti» soňky sekuntlarda ýeňlişden halas boldy

Angliýanyň «Premier Ligasynda» tapgyryň iň esasy oýnunda ýeňiş gazanan bolmady. Çekeleşikli we dartgynly geçen duşuşykda «Mançester Siti» soňky sekuntlarda ýeňlişden halas boldy. Öz meýdançasynda «Arsenaly» kabul eden «Mançester Siti» Erling Holannyň 9-njy minutdaky goly bilen öňe saýlandy. Bu onuň klubdaky 100-nji goly hökmünde hasaba alyndy. Holann 100-nji goluna 105 oýunda ýetip, Kristiano Ronaldonyň «Real Madridde» 105 oýunda 100 gol rekordyny gaýtalady. Holann APL-de ilkinji 5 tapgyrda 10 gol geçiren ilkinji futbolçy boldy. Duşuşygyň 22-nji minutynda Kalafioriniň ajaýyp goly bilen «Arsenal» hasaby deňledi. 45+1-nji minutda braziliýaly goragçy Gabriel «Arsenaly» öňe saýlady. Ýöne 45+8-nji minutda Trossara emin Maýkl Oliwer 2-nji sarydan soň gyzyl kart görkezip, ony meýdançadan kowdy. 2-nji ýarymda duşuşyk «Arsenalyň» jerime meýdançasynyň alkymynda geçse-de, «Mançester Siti» 90+8-nji minutda hasaby Stounzyň goly bilen deňläp, ýeňlişden halas boldy. «Mançester Siti» «Premier Ligada» 2022-nji ýylyň noýabryndan bäri öz meýdançasynda ýeňilmän gelýär (33 oýun). Duşuşykda dyzyndan şikes alan «Mançester Sitiniň» ispaniýaly ýyldyzy Rodri üçin möwsüm tamamlandy.




APL-de 5-nji tapgyrda «Çelsi» Jeksonyň (2) hem-de Palmeriň gollary bilen myhmançylykda «West Hamdan» 3–0 hasabynda üstün çykdy. «Liwerpul» hem şol hasap bilen «Bornmuty» ýeňip, duşuşykda Luiz Diaz (2) bilen Nunýes tapawutlandy. «Aston Willa» öz meýdançasynda «Wulwerhemptony», «Tottenham» hem «Braýtony» 3-1 hasaplar bilen ýeňlişe sezewar etdi. Duşuşyklaryň ikisinde-de myhmançylykdaky toparlar ilkinji bolup hasaby açdy.

## Ýene-de 90-njy minutdan soň...

Germaniýanyň çempionatynda «Bawariýa» myhmançylykda «Werderiň» derwezesinden jogapsyz 5 gol girizdi. Münhen şäheriniň wekiliniň soňky 3 duşuşykda geçiren gollarynyň sany 20-ä ýetdi. Duşuşykda Olise (2), Musiala, Keýn hem-de Gnabri tapawutlandy. Soňky çempion «Baýer» öz meýdançasynda «Wolfsburg» bilen duşuşyp, 7 goluň geçirilen oýnunda ýene-de 90-njy minutdan soň geçiren goly esasynda 4-3 hasabynda ýeňşini baýram etdi. Duşuşykda «Baýeriň» gollaryny Wirts (14), Ta (32), Hinkapie (49), Bonifeýs (90+3), 1-nji ýarymda 3-2 öňe saýlanan «Wolfsburgyň» gollaryny bolsa Mukiele (5 ö.d.), Bornauw (37) hem-de Swanberg (45+1) geçirdi. Myhmançylykda «Ştutgart» bilen duşuşan «Borussiýa Dortmund» topary 5-1 hasabynda ýeňlişe sezewar boldy. Bu olaryň möwsümdäki ilkinji ýeňlişi bolup, duşuşykda «Ştutgartyň» gollaryny Undaw (2), Demirowiç, Miýo hem-de Ture derweзä girizdi.



### PREMIER LEAGUE (5) — 30 gol

**West Ham—Çelsi: 0–3** (Jekson 4, 18, Palmer 47), **Aston Willa—Wulwerhempton: 3–1** (Wotkins 73, Konsa 88, Duran 90+4 — Kunýa 25), **Tottenham—Brentford: 3–1** (Solanke 8, Jonson 28, Meddison 85 — Mbemo 1), **Fulham—Nýukasl: 3–1** (Himenes 5, Smit-Rou 22, Nelson 90+2 — Barns 46), **Lester—Ewerton: 1–1** (Mawididi 74 — Ndiaý 12), **Liwerpul—Bornmut: 3–0** (Diaz 26, 28, Nunýes 37), **Southempton—Ipswiç: 1–1** (Dibling 5 — Morsi 90+5), **K. Palas—Man. Ýunaýted: 0–0, Braýton—N. Forest: 2–2** (Hinşelwud 42, Welbek 45 — Wud 13 p, Sosa 70), **Man. Siti—Arsenal: 2–2** (Holann 9, Stounz 90+8 — Kalafiori 22, Gabriel 45+1)

### LA LIGA (6) — 30 gol

**Alawes—Sewilýa: 2–1** (Wisente17, Martin 60 — Lukebakio 83), **Walýadolid—R. Sosiedad: 0–0, Osasuna—Las Palmas: 2–1** (Budimir 39, Oros 60 — Moleýro 41), **Walensiýa—Žirona: 2–0** (Huanpe 56 ö.d., Dani Gomes 58), **Real Madrid—Espanýol: 4–1** (Karwahal 58, Rodrigo 75, Winisius 78, Mbappe 90 p — Kurtua 54 ö.d.), **Hetafe—Leganes: 1–1** (Maýoral 83 p — Saens 76), **Atletik—Selta: 3–1** (Guruseta 4, 39, Jalo 80 — Ýago Aspas 25 p), **Wilýarreal—Barselona: 1–5** (Aýose Peres 38 — Lewandowski 20, 35, Torre 58, Rafinýa 74, 83), **R. Wallekano—Atletiko: 1–1** (Palason 35 — Gallaher 49), **Betis—Malýorka: 1–2** (Lo Çelso 7 — D. Rodriges 8, Fernandes 90+3)

### SERIE A (5) — 30 gol

**Kaliari—Empoli: 0–2** (Kolombo 33, Espozito 49), **Werona—Torino: 2–3** (Kastanos 12, Moskera 90+3 — Sanabriýa 10, Zapata 34, Adams 79), **Wenesiýa—Jenoa: 2–0** (Busio 63, Pohiýanpalo 85), **Ýuwentus—Napoli: 0–0, Leççe—Parma: 2–2** (Dorgu 32, Krstowiç 59 — Almkwist 90+3, Aýno 90+5), **Fiorentina—Lasio: 2–1** (Gudmundsson 49 p, 90 p — Hila 41), **Monza—Bolonýa: 1–2** (Žuriç 43 — Urbanski 24, Kastro 80), **Roma—Udineze: 3–0** (Dowbyk 19, Dibala 49 p, Baldanzi 70), **Inter—Milan: 1–2** (Dimarko 28 — Pulişiç 10, Gabbiýa 89), **Atalanta—Komo: 2–3** (Zappakosta 18, Lukman 90+9 p — Strefezza 46, Kolaşinas 54 ö.d., Fadera 58)

### BUNDESLIGA (4) — 35 gol

**Augsburg—Maýns: 2–3** (Şlotterbek 25, Essende 57 — Zib 13, Burkardt 15, 49), **Haýdenhaým—Fraýburg: 0–3** (Doan 54, Grifo 59, 65), **Werder—Bawariýa: 0–5** (Olise 23, 60, Musiala 33, Keýn 57, Gnabri 65), **Union Berlin—Hoffenhaým: 2–1** (Rote 4, U Ýon Çon 6 — Bülter 67), **Bohum—Holştaýn: 2–2** (Bero 22, Daşner 35 — Pihler 15, Matino 89), **Aýntraht—Borussiýa M: 2–0** (Larsson 30, Marmuş 80), **Baýer—Wolfsburg: 4–3** (Wirts 14, Ta 32, Hinkapie 49, Bonifeýs 90+3 — Mukiele 5 ö.d., Bornauw 37, Swanberg 5+1), **Ştutgart—Borussiýa D: 5–1** (Undaw 4, 90+1, Demirowiç 21, Miýo 62, Ture 80 — Girassi 75), **Sankt-Pauli—Leipsig: 0–0**

### LIGUE 1 (5) — 36 gol

**Nissa—Sent-Etien: 8–0** (Batubinsika 4 ö.d., Ndombele 7, Şo 24, Mukoko 26, 39, Gessand 37, Diop 76, Rosario 86 p), **Lill—Strasbur: 3–3** (Žegrowa 15, 27, Dewid 84 p — Santos 30, Emegha 42, Nanasi 66), **Renn—Lans: 1–1** (Kalimuendo 23 p — Nzola 90+6), **Reýms—PSŽ: 1–1** (Nakamura 9 — Dembele 68), **Monako—Le Hawr: 3–1** (Teze 9, Ben Segir 66, Balogun 71 — Kuzýaýew 30), **Brest—Tuluza: 2–0** (Balde 21, Fewr 90+1), **Anže—Nant: 1–1** (Abdelli 24 p — Lepenan 18), **Monpelie—Oser: 3–2** (Adams 65, 75, Saniýan 71 — Traore 18, Onaiwu 72), **Lion—Marsel: 2–3** (Çaleta-Sar 53, Şerki 90+3 — Lirola 69, Garsiýa 82, Row 90+5)

**ANGLIÝANYŇ ÇEMPIONATY /PREMIER LEAGUE/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | MAN. SITI | 5 | 4 | 1 | 0 | 13-5 | 13 |
| 2 | LIWERPUL | 5 | 4 | 0 | 1 | 10-1 | 12 |
| 3 | ASTON WILLA | 5 | 4 | 0 | 1 | 10-7 | 12 |
| 4 | ARSENAL | 5 | 3 | 2 | 0 | 8-3 | 11 |
| 5 | ÇELSI | 5 | 3 | 1 | 1 | 11-5 | 10 |
| 6 | NÝUKASL | 5 | 3 | 1 | 1 | 7-6 | 10 |
| 7 | BRAÝTON | 5 | 2 | 3 | 0 | 8-4 | 9 |
| 8 | N. FOREST | 5 | 2 | 3 | 0 | 6-4 | 9 |
| 9 | FULHAM | 5 | 2 | 2 | 1 | 7-5 | 8 |
| 10 | TOTTENHAM | 5 | 2 | 1 | 2 | 9-5 | 7 |
| 11 | M. ÝUNAÝTED | 5 | 2 | 1 | 2 | 5-5 | 7 |
| 12 | BRENTFORD | 5 | 2 | 0 | 3 | 7-9 | 6 |
| 13 | BORNMUT | 5 | 1 | 2 | 2 | 5-8 | 5 |
| 14 | WEST HAM | 5 | 1 | 1 | 3 | 5-9 | 4 |
| 15 | LESTER | 5 | 0 | 3 | 2 | 6-8 | 3 |
| 16 | K. PALAS | 5 | 0 | 3 | 2 | 4-7 | 3 |
| 17 | IPSWIÇ | 5 | 0 | 3 | 2 | 3-8 | 3 |
| 18 | SOUTHEMPTON | 5 | 0 | 1 | 4 | 2-9 | 1 |
| 19 | EWERTON | 5 | 0 | 1 | 4 | 5-14 | 1 |
| 20 | W. HEMPTON | 5 | 0 | 1 | 4 | 5-14 | 1 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Erling HOLANN (Mançester Siti) | 10 |
| 2 | Luiz DIAZ (Liwerpul) | 5 |
| 3 | Brian MBEMO (Brentford) | 4 |
| 4 | Jon DURAN (Aston Willa) | 4 |
| 5 | Nikolas JEKSON (Çelsi) | 4 |

**ISPANIÝANYŇ ÇEMPIONATY /LA LIGA/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | BARSELONA | 6 | 6 | 0 | 0 | 22-5 | 18 |
| 2 | REAL MADRID | 6 | 4 | 2 | 0 | 13-3 | 14 |
| 3 | ATLETIK B | 7 | 4 | 1 | 2 | 11-7 | 13 |
| 4 | ATLETIKO M | 6 | 3 | 3 | 0 | 10-3 | 12 |
| 5 | WILÝARREAL | 6 | 3 | 2 | 1 | 12-13 | 11 |
| 6 | MALÝORKA | 7 | 3 | 2 | 2 | 6-5 | 11 |
| 7 | ALAWES | 6 | 3 | 1 | 2 | 9-7 | 10 |
| 8 | OSASUNA | 6 | 3 | 1 | 2 | 8-11 | 10 |
| 9 | SELTA | 6 | 3 | 0 | 3 | 14-13 | 9 |
| 10 | R. WALLEKANO | 6 | 2 | 2 | 2 | 8-7 | 8 |
| 11 | BETIS | 6 | 2 | 2 | 2 | 6-6 | 8 |
| 12 | ŽIRONA | 6 | 2 | 1 | 3 | 8-10 | 7 |
| 13 | ESPANÝOL | 6 | 2 | 1 | 3 | 6-9 | 7 |
| 14 | LEGANES | 7 | 1 | 3 | 3 | 4-8 | 6 |
| 15 | SEWILÝA | 6 | 1 | 2 | 3 | 5-8 | 5 |
| 16 | R. SOSIEDAD | 7 | 1 | 2 | 4 | 3-7 | 5 |
| 17 | WALÝADOLID | 6 | 1 | 2 | 3 | 2-13 | 5 |
| 18 | HETAFE | 6 | 0 | 4 | 2 | 3-5 | 4 |
| 19 | WALENSIÝA | 6 | 1 | 1 | 4 | 5-10 | 4 |
| 20 | LAS PALMAS | 6 | 0 | 2 | 4 | 7-12 | 2 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Robert LEWANDOWSKI (Barselona) | 6 |
| 2 | RAFINÝA (Barselona) | 5 |
| 3 | Aýose PERES (Wilýarreal) | 4 |
| 4 | Kilian MBAPPE (Real Madrid) | 4 |
| 5 | Sandro RAMIRES (Las Palmas) | 3 |

**ITALIÝANYŇ ÇEMPIONATY /SERIE A/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | TORINO | 5 | 3 | 2 | 0 | 8-5 | 11 |
| 2 | NAPOLI | 5 | 3 | 1 | 1 | 9-4 | 10 |
| 3 | UDINEZE | 5 | 3 | 1 | 1 | 7-7 | 10 |
| 4 | ÝUWENTUS | 5 | 2 | 3 | 0 | 7-0 | 9 |
| 5 | EMPOLI | 5 | 2 | 3 | 0 | 5-2 | 9 |
| 6 | MILAN | 5 | 2 | 2 | 1 | 11-7 | 8 |
| 7 | INTER | 5 | 2 | 2 | 1 | 10-5 | 8 |
| 8 | LASIO | 5 | 2 | 1 | 2 | 9-8 | 7 |
| 9 | ROMA | 5 | 1 | 3 | 1 | 5-3 | 6 |
| 10 | WERONA | 5 | 2 | 0 | 3 | 8-8 | 6 |
| 11 | FIORENTINA | 5 | 1 | 3 | 1 | 7-7 | 6 |
| 12 | ATALANTA | 5 | 2 | 0 | 3 | 10-11 | 6 |
| 13 | BOLONÝA | 5 | 1 | 3 | 1 | 6-8 | 6 |
| 14 | PARMA | 5 | 1 | 2 | 2 | 8-9 | 5 |
